# Jübikeser

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Jübikeser JÜBIKESER

Bilýäňmi, nämüçin türmä düşenmi?
Bir juwanyň jübüsine giripdim.
Ilip ýetişmänkä çolpyma bir zat,
Gulagmyň düýbüne şarpyk iýipdim.

Öz kakamyň kimdiginem bilemok,
Nirde gözüm açyp geldim jahana.
Meni kim doguryp ýetişdirdikä?
Kimiň mämesini saldym dahana!

Meňzi gurap-solup giden ýaňagym,
Zar boldy ejäniň ýeke öpüşne.
Bütin ömrüm boýy kaka diýleni
Mähir bilen el goýmady başyma!

Daňyn atyrmady kimse meň üçin
Başujymda syrkaw bolup ýatamda.
Ýalbarmasam ýa-da bir zat bermesem
Gelen bolmaz çabalanyp ýataňda!

Kä ýanwaryň aýazynda titredim,
Kä iňledim iýun jokramasynda!
Bir döwüm çörege zar bolup ýatdym,
Metjidiň şyrtakyr giň howlusynda!

Käte biri sermekledip elini
Ýüzüme ýa ýaňagyma degirse.
Begenjime pikir ederdim içimden,
Berer öýdüp ölmez-ödi ýürekse.

Bir ykmanda ýetişerdi dadyma,
Jokrama yssyda bir jam suw bilen.
Eýse baýlaň güýji ýetmedimikä,

Doýurmaga bir döwümjik nan bilen.

Bütin juldan çykmyş ahwallar içre
Abyn-tabyn aldym bu senetleriñ.
Halkyñ kisesinden usullyk bilen,
Öwrendim çilmegi pul-manatlaryn.

Ýol ugruna dikdim açgöz tiñkämi,
Çilimlije naharlaryñ gowsuna.
Bir tartamda içime gök tüssäni
Nädip zogdurlyşyn özgäñ jübsüne.

Öwrendim. Hem lälijek çagalañ
Täp-täzeje eşiklerni ýyrtmagy.
Ýa-da gizlin ýoldan ammara girip
Bir almany alyp yza ýortmagy!

Şunça çakganlygym bermedi peýda,
Indi giç, ýatyryn gazamatda men.
Şindi başa geljeklerden bihabar,
Näçe ýatarynka bu zulmatda men.

Şonda-da men bagtly duýýan özümi,
Mekdebinde täze dostlarym bilen.
Ekleýärler munda müñlerçesini,
Meniñ deñsiz-taýsyz kesplerim bilen.

Simin BEHBAHANI.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Goşgular